# Gazediñ gyrasyndaky ýazgylar

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gazediñ gyrasyndaky ýazgylar GAZEDIÑ GYRASYNDAKY ÝAZGYLAR



Ol şeýle bir zäherli weli, ony çakan ýylanyň özi öläýýär.
***

Men oňa däli diýdim, ol maňa däli diýdi. Kimiň dälidigini kesgitlejek bir däli.

***

Ol gündizine sadyk musulman. Gijesine goňşusynyň sygyryny ogryn sagýar. Hudaý gije uklaýandyr öýdýärmikä?

***

Ýusubyň köýnegi gan içinde diýdiler. Köýnek dagy nämemiş, ýüregim gan içinde, ýüregim!

***

Meniň duşmanlarym şeýle asylly, billerinde ganly palta asylgy.

***

Mukaddeslik, namys, eepa hakda agzalýan bolsa, ýalandan ägä bolaweri.

***

Beýik-beýik daglaram ýumrula-ýumrula beýgelýär.

***

Reklamasyny ýetirseň, pyşbagany uçýar diýip satyp bolýar.

***

Men Ezraýyla “Siz” diýýänlerden däl.

***

Kölegede duranyň kölegesem bolmaz.

***

Adamzat ömrüniň baharyny ýaşady, gyşyna ýetdi.

***

Dünýäni kowalap tutjak bolup barýarkaň yzyňa-da bakaweri: seni kowalap gelýänem bardyr.

***

Gara sowuk diýme, eredigiçe gözýaşyna bak.

***

Çüýresem-de güle dökün bolmak üçin çüýreýän.

***

Bäý, bäý, onuň üýtgäýşini. Edil bulutdan ýasalan ýaly-da.
***

Ol ölümine näme sebäp boljagyny örän bilesi gelýärdi.

***

Zäher gahardan ýasalýar.

***

Gorkagyň pikirleri eýesinden öň gizlenýär.

***

Hoja Nasreddiniň bir obadaşy agzy-burny kislorodly, gepläp bilmän yatyrmyş.”Gepläp bilmeyän
bolsaň ýagdaýyňy ýazyp beräý” diýip, Hoja Nasreddin kagyz-galam uzadýar. Hassa zordan ýazýar: –
Eşşek ogly eşşek şlangany basma, kislorod gelenok!

***

Ol şeýle bir ugurtapyjy. Gurt görse aga diýýä, aýy görse daýy diýýä, içýanyň penjesinde uklap, ýylanyň kölegesinde gezip bilýär.

***
Nesimini dabanyndan soýan jellat, bu gün meniň dabanyma ýapyşdy.

***

Gybat edýänleriň bir gudrat bilen dili doňsa, birküç günden dili doňmadyk az galsa gerek.

***

Bir şägirt Jelaleddin Ruma: “Maňa bir sözde maslahat beriň” diýse, Rumy şobada: “Uklama!” diýip jogap beripdir. Şägirt o sözüň aňyrsyndaky many hakda uly kitap ýazanmyş ve aradan

çykanda “Uklaýar diýmesinler” diýip jesedini dik jaýladanmyş.

***

Hakykata ýetmegiň ýoly ýaly uzak ýol ýokdur.

***

Ol ýylanlara zäher paýlaýanlardandy.

***

Karz dileseň hezil edinýär. Derrew çykaryp berýär. Ýöne gaýtaryp alýança ýatladyp öldürýär-dä.
Häzir ýene jaň eder.

***

Kimi görse akyl berýär. Aklyň bit bazarynda-da bir köpüge alynmaýanyna üşügi ýetmeýär.

***

Eý, Allam! Özüňden özgä mätäç etme.

***

Öleniň dosty kän.

***

Ol ähli kişini ýüzüne öwýär. Bäý, öwýär-ä. Gözleri bolsa: ”Öwgä aldanýarmyka, aldanmaýarmyka?”
diýip çiňňerilýär.

***

Adamy gaty içgin tanajak bolma, umytsyz galarsyň.

***

Akylly adam aýagyň ýöremek üçin berlenini unutmaýar.

***

Her janda bir köňül bardyr, her köňülde Kerbela.

***

Ol arakdan mes bolanda: ”Bu dünýäde her kim bir zat satýa. Biz-ä adam satyp ýamanlyk
görmedik” diýdi.

***

Kölege bolup ýaşamakdan Alla saklawersin.

***

Jelladym bolsa-da işine ussadym bolsun.

***

Akyldaryň sargydy: «Patyşadan gorkma, attutaryndan gork.”

Oraz ÝAGMYR. Sözler